**Hormatly kärdeşler!**

“Türkmen atlary” döwlet birleşigi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi we Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy Sizi **“Ahalteke bedewi: Türkmeniň dünýewi seýisçilik sungaty”** atly halkara ylmy-amaly maslahata gatnaşmaga çagyrýar.

Halkara ylmy maslahat 2026-njy ýylyň 4-nji sentýabrynda Niderland Patyşalagynda geçirilýär.
Halkara ylmy maslahatyň iş dilleri: türkmen, iňlis we rus dilleri.
Halkara ylmy maslahatyň işi 5 bölümde geçirilýär.

**Halkara maslahatyň tematiki ugurlary:**

**I bölüm:** «Ahalteke bedewleriniň taryhy we ösüş ýoly».

**II bölüm:** «Ahalteke atçylyk sungatynyň we atlary bezemek däpleriniň ÝUNESKO-nyň maddy däl medeni mirasyna girizilmeginiň ähmiýeti».

**III bölüm:** «Ahalteke bedewleri şekillendiriş we amaly haşam sungatynda».

**IV bölüm:** «Arassa ganly ahalteke atçylygynda tohumçylyk hem-de weterinariýa işi we bedewleriň tohum arassalygyny gorap saklamagyň genetiki-ylmy esaslary».

**V bölüm:** «Ahalteke atlarynyň dünýä atçylyk medeniýetine, taryhyna we tohumçylygyna täsiri».

Halkara ylmy maslahata gatnaşmaga isleg bildirýänler resminamalaryny tabşyranlarynda aşakda beýan edilen talaplary berjaý etmelidirler.

**“Ahalteke bedewi: Türkmeniň dünýewi seýisçilik sungaty” atly halkara ylmy-amaly maslahata gatnaşmagyň**
**Ş E R T L E R I**

1. Halkara ylmy maslahata gatnaşmaga isleg bildirýänleriň maslahata tabşyrylan tezisleriň awtorlary üçden köp bolmaly däldir. Işiň mazmuny özbaşdak ylmy-barlag häsiýetli we ady bilen kybapdaş bolmalydyr.
2. Halkara ylmy maslahata gatnaşmak üçin hasaba alnyş görnüşi doldurylmaly (adaty şrift, Times New Roman, 12 pt):

**Halkara ylmy maslahata gatnaşyjylaryň hasaba alnyş görnüşi**

| | |
|---|---|
| Familiýasy | |
| Ady | |
| Atasynyň ady | |
| Wezipesi | |
| Alymlyk derejesi, ady | |
| Işleýän ýeriniň doly ady | |

| | |
|---|---|
| Işleýän ýeriniň salgysy (poçta indeksini hem görkezmeli) | |
| Iş telefony, elektron salgysy | |
| Nutugyň ady (baş harplar bilen ýazmaly däl) | |
| Nutugyň tematiki ugry | |
| Nutuk haýsy dilde taýýarlandy | |

3. Halkara ylmy maslahata gatnaşmak üçin gysgaça beýany (tezis) we annotasiýalary taýýarlanylmaly. Nutugyň gysgaça beýany ylmy maslahatyň iş dilleriniň birinde, annotasiýalar bolsa beýleki iki dilde bolmalydyr.

3.1. Halkara ylmy maslahata daşary ýurtly gatnaşyjylaryň nutuklarynyň annotasiýalarynyň türkmen diline terjimesi Guramaçylyk topary tarapyndan ýerine ýetiriler.

3.2. Halkara ylmy maslahata ýerli gatnaşyjylar annotasiýanyň iňlis we rus dillerine terjimelerini ýokary okuw mekdepleriniň degişli kafedralarynda ýa-da terjime edaralarynda tassyklatmalydyr.

4. Halkara ylmy maslahata gatnaşyjylaryň ylmy işiniň gysgaça beýany we annotasiýalar awtoryň işleýän edarasynda degişli kafedralarda seredilmeli we edaranyň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilen hat üsti bilen iberilmeli. Hata nutugyň gysgaça beýanynyň we annotasiýalaryň elektron görnüşleri hem goşulmalydy.

5. Iberilen resminamalaryň mazmunyna awtorlar şahsy jogapkärçilik çekýärler.

**Nutuklaryň gysgaça beýanlaryna we annotasiýalaryna bildirilýän**
**T A L A P L A R**

1. Halkara ylmy maslahata gatnaşmak üçin gysgaça beýanlary we annotasiýalary guramaçylyk komitetine ibermegiňizi haýyş edýäris (gysgaça beýanynyň möçberi A4 (210×297 mm) formatda 1,5 sahypadan geçmeli däl, annotasiýalaryň her biriniň (iňlis we rus dillerinde) möçberi 0,5 sahypa çenli bolmaly.

2. Sahypa ölçegleri: ýokary we aşak taraplarda – 2,0 sm, çep tarapda – 2,5 sm, sag tarapda – 1,5 sm. Oriýentasiýasy – "kitap" görnüşli, şrifti – Times New Roman, ölçegi – 14 pt, setir arasy – 1.

3. Ylmy işiň aýratynlyklaryna baglylykda nutugy şekiller, formulalar we tablisalar görnüşinde beýan etmäge ýol berilýär. Bu ýagdaýda her bir şekil sahypanyň görkezilen ölçeglerinden çykmaly däl, şrifti bolsa 14-den kiçi bolmaly däl. Nutugyň gysgaça beýanynyň umumy göwrümi şekiller, formulalar we tablisalar bilen bilelikde A4 formatdaky 1,5 sahypadan geçmeli däl.

4. Maslahata elektron görnüşde tabşyrylýan ähli materiallar diňe Word for Windows formatynda kabul edilýär (doc we docx giňeltmsi bilen).

5. Nutugyň gysgaça beýany we annotasiýalar bir faýlda saklanylmaly hem-de

aşakdaky görnüşde bolmaly:

- awtoryň ady, familiýasy sahypanyň sag gyrasy boýunça deňlemek bilen 14 lik şriftde setir harplar bilen goýy gara ýazylmaly, döwletiň ady ýaýyň içinde görkezilmeli;

- gysgaça beýanyň we annotasiýalaryň atlary baş harplar bilen 16 lyk şriftde goýy gara görnüşde ýazylmaly we setiriň merkezi boýunça deňlenilmeli;

- nutugyň gysgaça beýanynyň tekstini ýazmazdan öň 1 setir goýbermeli.

6. Nutugyň gysgaça beýanynyň we annotasiýalaryň tekstleri setiriň ini boýunça deňlenilmeli. Matematiki formulalar degişli formula redaktorlarynyň kömegi bilen ýazylmaly.

7. Nutugyň gysgaça beýanynyň we annotasiýalarynyň sahypalary belgilenilmeýär.

8. Bildirilýän talaplara laýyk gelmeýän işlere garalmaýar.

9. Iş tabşyrylandan soňra hödürlenilen düzedişler we goşundylar kabul edilmeýär.

10. Guramaçylyk toparynyň karary boýunça iş ylmy maslahata goýberilmän bilner.

11. Tabşyrylan resminamalar yzyna gaýtarylmaýar.

12. Nutugyň gysgaça beýanyny we annotasiýalaryny bir faýlyň içinde ýerleşdirilmeli. Faýlyň ady çykyş edýäniň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny we «tez» diýen harplary özünde jemlemeli. Mysal üçin, çykyş edýän – Myrat Akyýew, faýlyň ady – «Akyýew M. Tez.doc».

13. Hasaba alnyş görnüşleri nutugyň ähli awtorlary tarapyndan doldurylýar we bir faýlda ýerleşdirilýär. Ilki bilen ylmy maslahatda çykyş edýäniň, soňra awtordaşyň hasaba alnyş görnüşleri ýerleşdirilýär. Hasaba alnyş maglumaty üçin faýlyň ady awtoryň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny we «reg» diýen harplary özünde jemlemeli. Mysal üçin, «Ataýew N. reg».

14. Faýllary arhiwirlemeli däl!

**Halkara ylmy maslahata gatnaşmaga isleg bildirýänler resminamalarynyň elektorn görnüşini şu aşakdaky salga ugratmaly:**

elektron poçta: haa.ylym@gmail.com

tel: (+99312) 57-24-97;

**Habarlaşmak üçin:**

1. **“Türkmen atlary” döwlet birleşiginň Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy.**
tel: (+99312) 57-24-97; 21-11-36
elektron poçta: haa.ylym@gmail.com
kerimbashimov1957@gmail.com

2. **Türkmenistanyň Bilim ministrligi.**
tel: (+99312) 44-84-09; 36-17-34
elektron poçta: nie.turkmenistan @ gmail .com
met.int.department@gmail.com

3. **Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy**
tel: (+99312) 94-14-52
elektron poçta: rustamtme@gmail.com

Halkara maslahata gatnaşmaga isleg bildirýänler öz tezislerini we annotasiýalaryny (kagyz we elektron görnüşinde) **2026-njy ýylyň 6-njy iýulyna** çenli ibermegiňizi haýyş edýäris.

**Guramaçylyk topary.**